# Häzir Belarus we Lukaşenko nämüçin dünýä derejesinde öňe saýlanýar?

Category: Kitapcy,Publisisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Häzir Belarus we Lukaşenko nämüçin dünýä derejesinde öňe saýlanýar? HÄZIR BELARUS WE LUKAŞENKO NÄMÜÇIN DÜNÝÄ DEREJESINDE ÖŇE SAÝLANÝAR?



*«Ýadro ýaraglarynyň Belarusyň çäginde ýerleşdirilmeginiň howplary goňşy Ukraina çenli uzaýan täze «geosyýasy» reallygy getirýär. Belarusyň döwlet ýolbaşçysy Aleksandr Lukaşenkonyň ady öňümizdäki günlerde köp eşdiljege meňzeýär.*

Belarus respublikasy «fotokartinanyň» öňki hataryna dolanyp geldi. Muny üpjün edenem onuň döwlet ýolbaşçysy Aleksandr Lukaşenkonyň äden birnäçe ädimi boldy.

Şol ädimleriň ilkinjisi ýadro ýaraglaryň öz ýurdunyň çäginde ýerleşdirilmegini oňlamak ýa-da has dogrusy, talap etmek boldy we munuň özi ýer ýüzüne täze geosyýasy reallygy dakdy.

Bu reallygyň sebitleýin we halkara arenadaky güýç deňleşmelerini çepbesine çöwrüp taşlajakdygynyň alamatlary bar, bulam Lukaşenkonyň we Russiýanyň paýtagtyndaky karar kabul etme gatlaklarynyň birnäçe wekiliniň çaklamalaryna görä, NATO güýçleri we olaryň ýanynda duran elliden gowrak Günbatar ýurdunyň wekilleriniň peýdasyna bolmaz.

Sebitde Russiýa-Ukraina urşunyň çäginde bolýan üýtgeşmeler we

«Wagner» toparynyň başlygy Ýewgeniý Prigožiniň gozgalaňyndan gelip çykan «haý-haýly» ber-başagaýlyk Lukaşenko ýerli we sebitleýin syýasy arenanyň öňki hatarlarynda täze rol berdi.
Lukaşenko bu roly arada durmak we «gozgalaňy» soňlandyrmak üçin ulandy. Munuň özi Belarusyň «Kiýewi azat etmek» üçin elmydama bil baglaýan «garşylyklaýyn hüjümi» bilen bir wagtdaky «ukrain konflikti» bilen bir hatarda 10-11-nji iýulda Litwanyň paýtagty Wilnýusda geçirilmegi meýilleşdirilýän NATO guramasynyň agzasy ýurtlarynyň ýolbaşçylarynyň ýygnanşygyna degişli soňky üýtgeşmeler pellesinde oýnap biljek başga bir roly üçin giriş bolup biler.
Soňky birküç hepde Belarusyň garaşylmadyk netijeleri emele getirip biljek ýagdaýa tarap barýandygyny görkezýän birnäçe ädime şaýat bolundy.
Belarus 2020-nji ýylyň awgustynda döwlet ýolbaşçysy Lukaşenkony agdarmaga edilen synanşygyň getiren gapma-garşylyklarynyň tasdan pidasyna öwrülýärdi. Aýdylyşy ýaly Minsk öň bolşy ýaly häzie ýene «islemezden» «topuň öňünde» durýar.
Has öňem Belarus Ikinji jahan urşuna tarap hökmünde aradan aýrylandygyny mälim etmek üçin 1941-nji ýylyn 22-nji iýunynda ýurda çozan nemes faşistleri bilen ýüzbe-ýüz bolup galan ilkinji soýuz respublikasydy.
Synçylaryň nygtamagyna görä Prezident Aleksandr Lukaşenko rus teleýaýlymyna Belarusyň Moskwa bilen Kiýewiň arasyndaky çaknyşyga «taýma» ähtimallygy hakda durup geçdi.
Lukaşenko Russiýanyň döwlet ýolbaşçysy Wladimir Putiniň Minskden bu çaknyşyga goşulmagy talap etmändigini we taktiki ýadro ýaraglaryny güýçlendirme babatdaky kararyň öz şahsy kararydygyny aýtdy.
Ol öňem Sowet Soýuzynyň dargamagynyň yzyndan Gazagystan we Ukraina bilen meýletin ýagdaýda el çeken «ýadro ýaraglarynyň» ýurduna berilmegini Putinden towakga edendigini boýun alypdy.
Munuň özi jemgyýetçilik tarapyndan tanalmagyň şerti hökmünde bu üç ýurduň çäginde ýerleşdirilen ýadro ýaraglaryň Russiýa gaýdyp berilmeginiň we «Ýadro ýaraglaryň ýaýramagynyň öňüni almak boýunça şertnamasyna» gatnaşygy boýna dakýan halkara

ygtyýarlygyň hökmanylygydy.
Şunuň bilen birlikde SSSR-iň ýanynda Belarus we Ukraina garaşsyz iki ýurt hökmünde Ikinji jahan urşunyň netijelerine görä geçengeçdi bilen BMG-nyň düýbüni tutan agzalaryň arasyna girizildi.
Munuň özi Ukrainanyň döwlet ýolbaşçysy Wladimir Zelenskiniň geçen 17-nji fewralda Mýunhende geçirilen Ýewropanyň Howpsuzlyk konferensiýasynda ýadro statusynyň ýurduna gaýdyp berilmegi hakdaky talabyny ýada düşürip biler.
Putin şu meseläni ýatladyp, Ukrainanyň «öňki ýadro sowet» mümkinçiliklerinden galanlary ulanmak ähtimallygy hakdaky aladalanýandygyny aýtdy.




- **Ýadro haýbaty**

Synçylar Lukaşenkonyň «Putiniň Minskden Ukraina garşy uruşda Russiýanyň tarapyna geçmegi talap etmändigi, çünki munuň has erbet boljakdygy, üstesine äden ähli ädimlerine garamazdan Günbataryň giň gurşawly täze uruşdan öler ýaly gorkýandygy» hakdaky sözlerini ýatladýar.
Russiýanyň Ukraina çozan gününden bäri Lukaşenko ädýän ädimlerinde we berýän beýanatlarynda juda seresaplydy we çekinjeňdi. Muňa garamazdan ýurdunda 2020-nji ýylyň tomsunda bolup geçen we Lukaşenkonyň agramly möçberde üstün çykandygyny mälim eden prezident saýlawlarynyň netijeleriniň «ýoýulandygy» hakda aýdylanlar bahana edilip, prezidenti agdarmaga eden synanyşyklaryň yzyndan «ýadro ýaraglarynyň» yzyna berilmegini talap eden adamyň özüdigini aýdypdy.
Lukaşenko «ýurda çozulan ýagdaýynda ýadro ýaragyny ulanmaly

bolsa ikirjiñlenmän ulanjakdygyny aýtdy.
Russiýanyň içindäki we daşyndaky syncylar Lukaşenko bilen Pribaltika ýurtlary (Estoniýa, Latwiýa, Litwa) we bilelikde Polşanyň liderleriniň arasynda bolan «sene-menä» we bu ýurtlaryň arasynda bolup geçen garşylyklaýyn ädimlere yşarat edýär.
Agzalan ädimleriň arasynda 2020-nji ýylda Lukaşenkony agdarmaga synanyşan oppozision liderlere arka durmak we Belarusdan gaçanlaryndan soň olaryň alyp baran ähli duşmançylykly işlerini goldamak hem bar.
Lukaşenko muňa ýurdunyň bu ýurtlara we 2 müň 500 kilometrdejem gowrak umumy serhetleriniň bardygyny aýdyp, agzalan meseleleriň soňuna nokat goýmalydygyny, ýogsam hiç kimsäniň şol ýerlerden Minskä gönükdirilen howpuň abanmajagyna kepil geçip bilmejekdigini nygtady. Ol sözüniň üstüni ýetirip, şeýle diýipdi:
— Günbatar tarapdan geljek bular ýaly samsyklaç zatlar biziň köp ýerde kellämizi agyrdar. Aýdýanlaryna begenişleri ýaly, bellenen çyzykdan geçen ýagdaýlarynda özleri awunmaly bolar.
Lukaşenko ýurdunyň goranmak maksatly ýadro ýaraglaryny ulanma ähtimallygyna we Russiýanyň döwlet ýolbaşçysy Wladimir Putiniň belarus topraklaryna ýollan ýadro ýaraglarynyň ulanylmagynyň «Russiýanyň gözegçiligi astynda boljakdygy» hakdaky sözleri bilen «Belarusyň garaşsyzlygyna we özbaşdaklygyna ýaramaz täsir edýän ýaly» bolup görünen zada degişli tutumlarynyň düýp mazmunyny düşündirdi.
Munuň özi Prezident Lukaşenkonyň pertligini we has öň «ýadro ýaraglarynyň ýurduna gaýdyp berilmegini» talap eden adamyň özüdigini aýdandaky höwesini görkezýär.




*Olga Skabeýewa*

Şeýle-de, Lukaşenko tanymal rus žurnalisti Olga Skabeýewa bilen geçiren duşuşygynda gülen bolup: «Belarusyñ goranmak maksatly ýadro ýaragyny ulanmagyñ üstünde Putine edilen ýeke çagyryş bilen ylalaşyga gelip bolar» diýdi.

Belarus respublikasynyñ prezidenti gürrüñini şu sözler bilen dowam etdirdi:

– Uruş tursa, men töweregime garanjaklap durar öýdýärsiñizmi? Şobada elime telefonymy alaryn, nirede bolamda-da elime telefonymy alaryn. Islendik pursatda til kakaryn. Eger şeýle bolsa, bular ýaly agdarlyşygy koordinirlemegiñ nämesinde bökdençlik bar? Belarusda ýerleşdirilen goranmak maksatly ýadro ýaraglary ABŞ-nyñ (Ikinji jahan urşy soñlanmanka 1945-nji ýylyñ awgustynda) Hirosimada we Nagasakide ulanan bombalaryndan üç esse güýçli.



- **Aýgytlaýjy arakesme**

Birleşen Korollyk Ukraina gönüden-göni ýadro tehnologiýasy bilen baglanyşykly kemeldilen uran raketalaryny berendigini mälim edýänçä, Putiniñ soñky hepdelerde goranmak maksatly ýadro ýaragyny ulanma ähtimallygyna ýüz urmagy ýa-da has dogrusy mejbur bolma ähtimallygy boýunça görkezen çynlakaýlygyndan dil ýarmazlygy gyzykly.
Geçen maý aýynda Lukaşenko ýurdunyñ rus ýadro ýaraglary üçin ammar gurma işleriniñ tamamlanandygyny habar berip, «Minskiniñ» ýurdunyñ çäginde ýerleşdirilen Moskwa ýaraglary bilen doly jogapkärçilikli gyzyklanjakdygyny we hemme zadyñ ugruna boljakdygyny» belläpdi.
Russiýanyñ döwlet ýolbaşçysy-da ýakynda Sankt-Peterburgda geçirilen ýyllyk ykdysady forumynda bu meseläniñ üstünde gaýtadan durup geçip, ýurdunyñ gazanan zadynyñ ähli NATO agzalarynyñ gazanan zatlarynyñ jeminden has köpdügine ünsi çekipdi.
Bütin bularyñ barsy Aleksandr Lukaşenkonyñ ýakyn wagta çenli «prezidentiñ aşpezi» diýlip gelnen we Sankt-Peterburgda iñ gelim-gidimli birnäçe restorana eýelim edýän adamyñ «gozgalañyndan» gelip çykan konfliktiñ gözegçlik astyna alynmagy babatda oýnan we oýnamaga dowam eden merkezi rolundan soñ gelýär.
Gürrüñi gidýän restoranlarda Putin günbatarly ýurtlaryñ liderlerinden birnäçesini myhman alypdy. Şol myhmanlaryñ arasynda Fransiýanyñ öñki prezidenti Žak Şirak, ABŞ-ly kärdeşi Jorj Buş bilen birlikde Ýewgeniý Prigožin bilen Putine we beýleki liderlere nahar hödürlände tanşandygyny aýdýan

Aleksandr Lukaşenko hem bar.
Belki-de Lukaşenko we onuñ Prigožin bilen tanyşlygynyñ baglanyşygynda Prigožin hakyndaky habarlaryñ ýygy-ýygydan Belarus bilen bile ýatlanmagyna yşarat etmek täsin bolup biler.
Agzalan habarlara otuz iki sany «Wagner» agzasynyñ soñky ykbalyna dahylly habarlaram degişli.
Şol otuz iki adam 2020-nji ýylyñ awgustynda Belarusdaky prezident saýlawlarynyñ netijeleriniñ mälim edilmeginiñ yzysüre Günbatar kontrrazwedkasynyñ Ukraina bilen birlikde taýýarlan Lukaşenkony agdarma meýilnamasyna goşulmaklary üçin Ukraina tarapyndan aldawa düşürilen adamlar.
Belarus respublikasynyñ Howpsuzlyk gullugy Lukaşenkony agdarmaga synanyşanlara şärikdeşlik etmekde aýyplaýan «wagnerçileri» tussag astyna alypdy.
Soñra bu meýilnamany Moskwa äşgär etdi we yzyndan olar boşadyldy. Şol wagtdan bäri şu güne çenli dowam eden belarus oppozision hereketleriniñ garşysynda we günbatarly sferalaryñ synlamasynda iki paýtagt Moskwa bilen Minskiñ arasynda ýakynlaşma marşruty başlady.




Ukrain frontunda ýa-da Polşa ýa bolmasa beýleki goňşy ýurtlar tarapyndan Belarusa garşy gönükdirilen haýsydyr bir howpuň garşysynda partlap biljek haýsydyr bir urşa goşulma mümkinçilikleri ilkibaşda baglanyşykly zatlardan ötri Prigožin bilen köp sanly «wagnerçileriň» Belarusa ýollanmagy heýjanlandyrýar.
Ýöne bu biziň pikirimizçe Putiniň «hyýanat» we «arkadan pyçaklama» diýip baha beren operasiýasy sebäpli Russiýanyň bagyşlamajagy anyk bilinýän Prigožiniň geljegi üçin kepillik bolup bilmez, biz munuň üstünde Moskwadan gelen öňki habarymyzda-da durup geçipdik.
Şol wagta çenli gözler hemme zatdan öň Moskwanyň Putin aýtmyşlaýyn «Russiýa howp salýan howp-hatarlaryň emele gelen» ýagdaýynda ulanmak üçin belarus topraklarynda ýadro ýaragyny

ýerleşdirmegine dikildi.
Bu ýagdaý Lukaşenkonyñ «Russiýa dargasa, hemmeler onuñ harabasynyñ astynda galar» diýen sözlerini tassyklaýar we Lukaşenkonyñ ýurdunyñ global syýasat kartasynyñ öñki hatarlaryndaky ornuny dowam etdiren ähli beýanatlarynyñ üns berilmegini talap edýär.




Sami IMARE.
Şenbe, 01.07.2023 ý. Publisistika